Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi

**Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:**
**– BIZ PARAHATÇYLYGYŇ WE ADAMZADYŇ SAZLAŞYKLY ÖSÜŞINIŇ BÄHBIDINE ÖZ GOŞANDYMYZY GOŞMAGA HEMIŞE TAÝÝARDYRYS.**

GARAŞSYZ, BAKY BITARAP TÜRKMENISTAN – BEDEW BATLY AT MYRADYŇ MEKANY
2026

#26 (309)
пятница, 17 июля 2026 года

ESASLANDYRYJY – TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY IŞLER MINISTRLIGI

ELEKTRON GAZET 2020-nji ÝYLYŇ 1-nji AWGUSTYNDAN BÄRI ÇYKARYLÝAR

ИНТЕРНЕТ ГАЗЕТА
Международные новости



# TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ MEJLISI

**18-nji iýulda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini geçirdi.**

Onda döwlet durmuşyna degişli birnäçe meselelere seredildi.

Ilki bilen, Mejlisiň Başlygy D.Gulmanowa milli kanunçylygy kämilleşdirmek boýunça alnyp barylýan işler barada maglumat berdi.

Bellenilişi ýaly, ýurdumyzy syýasy, durmuş-ykdysady, medeni taýdan ösdürmek boýunça kabul edilen maksatnamalardan we Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň ýörelgelerinden ugur alnyp, ministrliklerden, pudaklaýyn dolandyryş edaralaryndan gelip gowşan teklipler seljerilip, täze kanunlaryň taslamalaryny taýýarlamak, hereket edýän birnäçe kanunçylyk namalaryna döwrebap üýtgetmeleri hem-de goşmaçalary girizmek boýunça degişli işler geçirilýär.

Hormatly Prezidentimiz täze kanun taslamalaryny işläp taýýarlamak boýunça işleri dowam etdirmegiň möhümdigini belledi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary H.Geldimyradow ýurdumyzda döwlet ätiýaçlandyryş ulgamyny kämilleşdirmek boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzda ätiýaçlandyryş ulgamyny ösdürmek, bu ugurda kadalaşdyryjy hukuk namalaryny kämilleşdirmek boýunça netijeli işleriň alnyp barylýandygyny aýtdy hem-de wise-premýere hökmany döwlet ätiýaçlandyryş ulgamyny kämilleşdirmek babatda degişli işleri geçirmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlary G.Agajanow, T.Atahallyýew, B.Annamämmedow, N.Atagulyýew degişli ugurlar boýunça hasabat berdiler.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, degişli ugurlar boýunça tabşyryklary berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Seýidowa Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň işini kämilleşdirmek boýunça görülýän çäreler barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, hormatly Prezidentimiziň we Gahryman Arkadagymyzyň goldaw-hemaýatlary netijesinde gullugyň maddy-enjamlaýyn binýadyny has-da pugtalandyrmak, önümçiligi bökdençsiz hem-de doly kuwwatynda işletmek boýunça degişli işler alnyp barylýar. Wise-premýer bu işleriň has-da netijeli bolmagyny gazanmak maksady bilen, daşary ýurtlaryň öňdebaryjy kompaniýalary bilen hyzmatdaşlygyň ýola goýlandygyny aýtdy hem-de döwlet Baştutanymyzyň garamagyna degişli resminamanyň taslamasyny hödürledi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň işini kämilleşdirmek boýunça işleriň alnyp barylýandygyny aýtdy. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz ýurdumyzyň neşirýat ulgamynyň maddy-enjamlaýyn binýadyny berkitmek babatda taýýarlanylan resminama gol çekdi hem-de wise-premýere bu ugurda degişli işleri geçirmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Mämmedow zehinli çagalaryň «Garaşsyzlygyň merjen däneleri» bäsleşiginiň döwlet tapgyryny guramaçylykly geçirmek boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, Diýarymyzda ýaşlarymyzyň döwrebap bilim almagy, döredijilik bilen meşgullanmagy üçin ähli şertleriň döredilýändigini aýtdy. Döwlet Baştutanymyz wise-premýere zehinli çagalaryň «Garaşsyzlygyň merjen däneleri» bäsleşiginiň döwlet tapgyryna gowy taýýarlyk görmegi we ony ýokary derejede geçirmegi tabşyrdy.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredowa söz berildi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, Türkmenistanyň howanyň üýtgemegine garşy göreşmek we ekologik howpsuzlygy üpjün etmek boýunça sebit hem-de halkara derejede netijeli işleri alyp barýandygyny belledi. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz howanyň üýtgemegi boýunça halkara hyzmatdaşlygy ösdürmek maksady bilen taýýarlanylan teklipleri makullap, wise-premýer, daşary işler ministrine degişli işleri geçirmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Annaýew milli flotumyzyň maddy-enjamlaýyn binýadyny pugtalandyrmak boýunça amala aşyrylýan işler barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzyň milli deňiz flotunyň maddy-enjamlaýyn binýadyny berkitmek boýunça netijeli işleriň alnyp barylýandygyny aýtdy hem-de wise-premýere «Balkan» gämi gurluşyk we abatlaýyş zawodynyň işini kämilleşdirmek, önümçilik kuwwatyny artdyrmak boýunça işleri dowam etdirmegi tabşyrdy.

Mejlisde döwlet durmuşyna degişli başga-da birnäçe möhüm meselelere seredildi we olar boýunça degişli çözgütler kabul edildi.

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ПРЕЗИДЕНТА ФРАНЦУЗСКОЙ РЕСПУБЛИКИ

Президент Сердар Бердымухамедов направил искренние поздравления и наилучшие пожелания Президенту Французской Республики Эммануэлю Макрону и народу страны по случаю Национального праздника Франции – Дня взятия Бастилии.

Пользуясь возможностью, глава Туркменского государства выразил Президенту Эммануэлю Макрону пожелания крепкого здоровья и счастья, а народу Франции – мира и благополучия.



# THE STATE VISIT OF THE PRESIDENT OF TURKMENISTAN TO GEORGIA HAS BEGUN

On July 16, 2026, President Serdar Berdimuhamedov departed for a state visit to Georgia.

At the Shota Rustaveli International Airport, Georgian officials and members of the Turkmenistan delegation welcomed President Serdar Berdimuhamedov.

At the Orbeliani Palace, the President of Turkmenistan was warmly greeted by the President of Georgia, Mikheil Kavelashvili.

Subsequently, the official welcoming ceremony for the President of Turkmenistan took place.

Following the official photo session against the background of the state flags of the two countries, negotiations were held between President Serdar Berdimuhamedov and President Mikheil Kavelashvili.

Warmly welcoming the distinguished guest and thanking him for accepting the invitation to visit Georgia on a state visit, President Mikheil Kavelashvili expressed confidence that this visit by the President of Turkmenistan would open a new page in the history of interstate relations.

Taking this opportunity, the head of the friendly state also conveyed heartfelt greetings and best wishes to the Chairman of the Halk Maslahaty of Turkmenistan.

Expressing gratitude for the invitation to visit Georgia and for the hospitality extended, President Serdar Berdimuhamedov also conveyed greetings and good wishes to President Mikheil Kavelashvili from the National Leader of the Turkmen people. Noting that the current visit coincides with the anniversary of the establishment of diplomatic relations between the two states, the Head of Turkmenistan congratulated his Georgian counterpart on this significant date.

Emphasizing that the countries constructively cooperate within international organizations, primarily the UN, President Serdar Berdimuhamedov expressed gratitude to the Georgian side for its consistent support of Turkmenistan's policy of permanent neutrality and international initiatives.

During the conversation, inter-parliamentary dialogue was identified as one of the priority areas of bilateral relations. At the same time, trade and economic interaction is consistently developing.

Noting transport, logistics, communications, and port infrastructure among the key vectors of cooperation, the President of Turkmenistan emphasized that our countries support the initiative to create the "Caspian Sea–Black Sea" transport corridor along the Turkmenistan–Azerbaijan–Georgia–Romania route. Connecting the Caspian and Black Sea regions opens up huge opportunities for the development of trade, economic, and investment partnership.

Special importance is also attached to bilateral cultural and humanitarian ties. In this context, the head of state confirmed the readiness of Turkmenistan to continue expanding cultural, scientific, educational, and sports cooperation with Georgia.

Expressing confidence that the current visit will become an important stage on the path to strengthening the bonds of friendship and cooperation between the two states, President Serdar Berdimuhamedov thanked President Mikheil Kavelashvili for the attention paid to the development of relations with Turkmenistan and invited him to visit our country at any time convenient for him.

Accepting the invitation with gratitude, the President of Georgia expressed confidence that the fruitful interstate dialogue will continue to develop across a wide range of areas for the benefit of the friendly peoples of both countries.

Upon completion of the meeting, President Serdar Berdimuhamedov left a commemorative entry in the Book of Honor for Guests.

As part of the visit, President Serdar Berdimuhamedov arrived at the Expo Georgia Exhibition Centre, the venue of the Turkmen-Georgian Business Forum.

At the venue, the Prime Minister of Georgia, Irakli Kobakhidze, warmly welcomed the President of Turkmenistan.

The Forum commenced with remarks by the Head of the Georgian Government.

Welcoming President Serdar Berdimuhamedov and the participants of the Forum, Prime Minister Irakli Kobakhidze stated that it was a great honor to host the President of Turkmenistan in Georgia.

The Prime Minister also noted that numerous joint enterprises and companies with Turkmen capital are currently operating successfully in Georgia in the fields of transport, logistics, construction, agriculture, and other sectors of the economy.

Expressing confidence that the high-level meeting would provide a strong impetus for establishing new partnerships, putting forward concrete initiatives, and fostering closer and more productive cooperation between the business communities of the two countries, Prime Minister Irakli Kobakhidze wished the participants every success.

The floor was then given to President Serdar Berdimuhamedov.

Addressing the participants, the Head of State noted that the Forum was intended to promote the further development of bilateral trade, economic, and investment cooperation.

Referring to priority areas of cooperation, President Serdar Berdimuhamedov highlighted the continued development of the fuel and energy sector as one of the key directions.

In this context, the President noted that Turkmenistan had launched the fourth phase of the industrial development of the Galkynysh gas field, one of the largest natural gas fields in the world.

The President also emphasized that another important area remains the development of the hydrocarbon resources of the Caspian Sea.

President Serdar Berdimuhamedov further stressed that the private sector continues to develop dynamically within the structure of the national economy.

Noting the significant potential for expanding cooperation in transport, logistics, communications, infrastructure, and the utilization of maritime terminals, the President underlined the importance of engaging the private sector in the development of related infrastructure and specialized services, while making full use of the favorable opportunities for the transit of goods and services.

"We are currently holding negotiations on the establishment of a Turkmen cargo terminal on Georgia's Black Sea coast. I believe that the business communities of our two countries should actively participate in the implementation of this project, thereby putting the principles of public-private partnership into practice", the Head of State said.

Turkmenistan is also interested in Georgia's experience in the development of tourism and the service sector.

President Serdar Berdimuhamedov noted that the Forum should serve as the beginning of a consistent, practical and results-oriented dialogue between the business communities of the two countries. Expressing support for holding such events on a regular basis in both Turkmenistan and Georgia, the Head of State wished the participants productive discussions, as well as a fruitful exchange of ideas and experience.

Following the Forum, President Serdar Berdimuhamedov and Prime Minister Irakli Kobakhidze jointly visited an exhibition showcasing products manufactured in Turkmenistan.

The ministries and sectoral agencies of Turkmenistan presented their expositions at the Expo Georgia exhibition grounds.

Upon completion of the exhibition tour, the Prime Minister of Georgia hosted an official reception in honor of the President of Turkmenistan.

The State Visit of President Serdar Berdimuhamedov to Georgia continues.



# HORMATLY PREZIDENTIMIZIŇ GRUZIÝA DÖWLET SAPARY TAMAMLANDY

2026-njy ýylyň 17-nji iýulynda ir bilen döwlet Baştutanymyz Tbilisi şäherindäki Gahrymanlar meýdanyna bardy. Bu ýerde Hormat garawulynyň esgerleri nyzama düzülipdir.

Hormatly Prezidentimiz Gruziýanyň milli gahrymanlaryny hatyralap, ýadygärlige gül desselerini goýdy. Munuň özi geljek nesilleriň abadan durmuşy üçin şirin janyny pida eden gahrymanlary hatyralamak ýaly türkmen we gruzin halklaryna mahsus däpleriň dowamata atarlyýandygynyň beýany boldy. Soňra Türkmenistanyň we Gruziýanyň Döwlet senalary ýaňlandy.

Gül goýmak dabarasyndan soňra, döwlet Baştutanymyz Gruziýanyň Hökümet binasyna ugrady. Bu ýerde hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowy Gruziýanyň Premýer-ministri Iraklij Kobahidze mähirli garşylady.

Soňra döwlet Baştutanymyz bilen Gruziýanyň Premýer-ministriniň arasynda ikitaraplaýyn gepleşikler geçirildi.

Premýer-ministr Iraklij Kobahidze belent mertebeli türkmen myhmanyny mähirli mübärekläp, Gruziýada Türkmenistan bilen netijeli gatnaşyklary ösdürmäge möhüm ähmiýet berilýändigini belledi we hormatly Prezidentimiziň döwlet saparynyň ikitaraplaýyn gatnaşyklary giňeltmäge kuwwatly itergi berjekdigine ynam bildirdi. Şeýle hem ol mümkinçilikden peýdalanyp, Gahryman Arkadagymyza mähirli salamyny, iň gowy arzuwlaryny ýetirmegini döwlet Baştutanymyzdan haýyş etdi.

Gruziýanyň Premýer-ministri hormatly Prezidentimiziň Türkmen-gruzin işewürlik maslahatyna gatnaşmagynyň bu çäräniň ähmiýetini has-da artdyrandygyny, forumyň netijeleriniň ikitaraplaýyn söwda-ykdysady gatnaşyklary giňeltmäge ýardam berjekdigini nygtady.

Hormatly Prezidentimiz Gruziýa döwlet sapary bilen gelmäge çakylyk hem-de türkmen wekiliýetine bildirilen myhmansöýerlik üçin minnetdarlygyny beýan edip, Gahryman Arkadagymyzyň Premýer-ministr Iraklij Kobahidzä iberen mähirli salamyny ýetirdi hem-de Türkmenistan bilen Gruziýanyň arasynda söwda-ykdysady, syýasy-diplomatik, medeni-ynsanperwer ulgamlarynda ýakyn gatnaşyklaryň ýola goýlandygyny belledi.

Soňra gepleşikler iki ýurduň wekiliýetleriniň gatnaşmagynda giňişleýin düzümde dowam etdi. Gruziýanyň Premýer-ministri Iraklij Kobahidze hormatly Prezidentimizi we ýurdumyzyň wekiliýet agzalaryny ýene-de bir gezek mähirli mübäreklap, döwlet Baştutanymyzyň şu saparynyň ähmiýetini belledi we onuň ikitaraplaýyn gatnaşyklary has-da ösdürmäge itergi berjekdigine ynam bildirdi.

Iraklij Kobahidze 2015-nji ýylda Gahryman Arkadagymyzyň Gruziýa amala aşyran saparynyň özara gatnaşyklaryň ösüşiniň binýadyny goýandygyny aýtdy we häzirki wagtda hormatly Prezidentimiziň tagallalary bilen bu hyzmatdaşlygyň yzygiderli giňeldilýändigini belledi.

Ol Türkmenistana üç gezek sapary amala aşyrandygyny aýtdy hem-de mümkinçilikden peýdalanyp, saparlar wagtynda bildirilen myhmansöýerlik üçin ýene-de bir gezek hoşallygyny beýan etdi we şu gün gol çekiljek ikitaraplaýyn resminamalaryň hyzmatdaşlygy dürli ugurlar boýunça giňeltmek babatda täze mümkinçilikleri açjakdygyny nygtady.

Hormatly Prezidentimiz öz adyndan we türkmen wekiliýetiniň agzalarynyň adyndan bildirilen myhmansöýerlik üçin Gruziýanyň Hökümet Baştutanyna minnetdarlyk bildirip, häzirki wagtda Türkmenistan bilen Gruziýanyň arasyndaky gatnaşyklaryň yzygiderli ösdürilýändigini belledi we bu saparyň iki döwletiň arasyndaky hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de pugtalandyrmaga ýardam berjekdigine ynam bildirdi. Hormatly Prezidentimiz pursatdan peýdalanyp, iki ýurduň arasyndaky gatnaşyklary ösdürmäge berýän ünsi üçin Premýer-ministr Iraklij Kobahidzä minnetdarlyk bildirdi.

Döwlet Baştutanymyzyň belleýşi ýaly, häzirki döwürde türkmen-gruzin dialogy toplumlaýyn häsiýete eýe bolup, ol iki halkyň we döwletiň uzak möhletli bähbitlerine esaslanýar. Türkmenistan bilen Gruziýanyň arasyndaky gatnaşyklar özara hormat goýmagyň, deňhukuklylygyň, dostlugyň nusgasy bolup durýar.

Syýasy, söwda-ykdysady, durmuş ulgamlarynda hyzmatdaşlygy has-da pugtalandyrmak boýunça anyk çäreler durmuşa geçirilýär, medeni-ynsanperwer gatnaşyklar giňeldilýär. Şunuň bilen baglylykda, Arkadagly Gahryman Serdarymyz saparyň çäklerinde gol çekiljek ikitaraplaýyn resminamalaryň uly toplumynyň hem muňa aýdyň şaýatlyk edýändigini aýtdy. Şeýle hem iki ýurduň halkara düzümlerde, ilkinji nobatda, Birleşen Milletler Guramasynda netijeli gatnaşyklary alyp barýandygyna ýokary baha berildi.

Döwlet Baştutanymyz iki ýurduň arasyndaky söwda-ykdysady hyzmatdaşlygyň durnukly hem-de netijeli ösdürilýändigini aýdyp, soňky döwürde haryt dolanyşygynyň depginli artýandygyny belledi. Bu işde Ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça hökümetara topar möhüm orny eýeleýär.

Hormatly Prezidentimiz ulag we logistika ulgamlaryny hyzmatdaşlygyň esasy strategik ugurlary hökmünde kesgitläp, Türkmenistanyň gruziýaly hyzmatdaşlara Merkezi Aziýa ýurtlarynyň, Aziýa — Ýuwaş umman sebitiniň, Günorta Aziýanyň bazarlaryna çykmaga ýardam bermäge doly taýýardygyny aýtdy. Owganystanyň, Türkmenistanyň, Azerbaýjanyň, Gruziýanyň we Türkiýäniň gatnaşmagynda döredilýän «Lazurit» ulag geçelgesi hem ýene bir ähmiýetli, geljegi uly taslama hökmünde görkezildi.

Energetika ulgamynda-da Türkmenistanyň Gruziýa bilen hyzmatdaşlygyň bar bolan uly mümkinçiliklerine gyzyklanma bilen garaýandygy, bu ugurda hyzmatdaşlyk etmegiň anyk ugurlaryny ara alyp maslahatlaşmaga taýýardygy tassyklanyldy. Syýahatçylyk pudagy hem hyzmatdaşlygyň möhüm bölegidir.

Iki ýurduň işewürlik düzümleriniň arasynda göni gatnaşyklary ösdürmäge uly ähmiýet berilýär. Saparyň çäklerinde guralan Türkmen-gruzin işewürlik maslahatynda anyk we geljegi uly teklipler ara alnyp maslahatlaşyldy.

Hormatly Prezidentimiz 2024-nji ýylda Aşgabat şäherinde dünýä belli gruzin şahyry Şota Rustaweliniň heýkeliniň açylandygyny, Gruziýada hem türkmen medeniýetine, akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň döredijiligine we mirasyna uly hormat goýýanlaryň köpdügini belledi. Iki ýurduň arasynda bilim-ylym ugurly gatnaşyklary ösdürmäge, esasy ýokary okuw mekdepleriniň, akademiki institutlaryň arasynda göni gatnaşyklary ýola goýmaga aýratyn üns berilýär.

Döwlet Baştutanymyz Türkmenistan bilen Gruziýanyň şäherleriniň arasynda doganlyk gatnaşyklary ýola goýmagy dowam etdirmegiň möhümdigini aýdyp, üç ýyl mundan ozal Arkadag şäheri bilen Gruziýanyň Telawi şäheriniň arasynda doganlyk gatnaşyklary ýola goýmak barada Ylalaşyga gol çekilendigine ünsi çekdi we deňizýaka Türkmenbaşy hem-de Batumi şäherleriniň arasynda-da şeýle gatnaşyklary ýola goýmak baradaky meseleleri ara alyp maslahatlaşmagy teklip etdi.

Çykyşynyň ahyrynda hormatly Prezidentimiz iki ýurduň arasyndaky dostluk we özara ynanyşmak gatnaşyklarynyň mundan beýläk-de ösdüriljekdigine ynam bildirdi hem-de bildirilen myhmansöýerlik, mähirli kabul edilendigi üçin ýene-de bir gezek minnetdarlygyny beýan etdi. Döwlet Baştutanymyz pursatdan peýdalanyp, Gruziýanyň Premýer-ministri Iraklij Kobahidzäni özi üçin islendik amatly wagtda Türkmenistana sapar bilen gelmäge çagyrdy.

Soňra iki ýurduň döwlet we hökümet Baştutanlarynyň gatnaşmagynda Bilelikdäki Beýannama gol çekmek hem-de ikitaraplaýyn resminamalary alyşmak dabarasy boldy. Dabaraly ýagdaýda Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow we Gruziýanyň Premýer-ministri Iraklij Kobahidze Bilelikdäki Beýannama gol çekdiler. Soňra ikitaraplaýyn resminamalar alşyldy.

Gol çekmek dabarasy tamamlanandan soňra, hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hem-de Gruziýanyň Premýer-ministri Iraklij Kobahidze metbugat wekillerine ýüzlenme bilen çykyş etdiler.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekillerine ýüzlenip, Gruziýanyň Premýer-ministri bilen netijeli duşuşyklaryň geçirilendigini, bu duşuşyklaryň dostlukly we işjeň ýagdaýda geçendigini, saparyň dowamynda Gruziýanyň Prezidenti bilen hem duşuşygyň geçirilendigini aýdyp, şol gepleşikleriň Türkmenistanyň we Gruziýanyň hyzmatdaşlygy dowam etdirmegi özara maksat edinýändiklerini tassyklandygyny nygtady.

“Biz mundan beýläk-de ikitaraplaýyn syýasy gatnaşyklary giňeltmek, şertnama-hukuk binýadyny döretmek, yzygiderli diplomatik tagallalary etmek barada ylalaşdyk. Gruziýa ýurdumyzyň möhüm ykdysady hyzmatdaşy bolup durýar. Gruziýa Türkmenistanyň Bitaraplyk syýasatyny we beýleki birnäçe ugurlarda halkara başlangyçlaryny goldaýar” diýip, hormatly Prezidentimiz aýtdy we Gruziýanyň Premýer-ministrine minnetdarlyk bildirdi.

“Biz Gruziýanyň ýolbaşçylary bilen geçirilen duşuşyklaryň we gepleşikleriň netijelerine uly kanagatlanma bildirýäris. Şu günki gazanylan ylalaşyklaryň geljekde türkmen-gruzin hyzmatdaşlygyny has-da ösdürmäge hem-de berkitmäge ýardam berjekdigine ynanýaryn” diýip, hormatly Prezidentimiz aýtdy we çykyşynyň ahyrynda Gruziýanyň dostlukly halkyna parahatçylyk, abadançylyk, gülläp ösüş arzuw etdi.

Gruziýa döwlet saparynyň maksatnamasy tamamlanandan soňra, hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow we Premýer-ministr Iraklij Kobahidze bilelikde Tbilisi şäheriniň Şota Rustaweli adyndaky Halkara howa menziline bardylar. Howa menzilinde döwlet Baştutanymyz we Gruziýanyň Premýer-ministri ýokary derejede geçirilen gepleşikleriň möhüm ähmiýetini ýene-de bir gezek belläp, birek-birege iň gowy arzuwlaryny beýan etdiler.

Biraz wagtdan Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň uçary paýtagtymyzyň Halkara howa menziline gelip gondy. Bu ýerde hormatly Prezidentimizi ýurdumyzyň resmi adamlary mähirli garşyladylar.

Şeýlelikde, hormatly Prezidentimiziň Gruziýa döwlet sapary ýurtlarymyzyň ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygy hil taýdan täze derejä çykarmagy maksat edinýändiklerini tassyklady. Gol çekilen resminamalaryň uly toplumy uzak möhletleýin hyzmatdaşlygy ösdürmek üçin ygtybarly hukuk binýadyny döredýär, üstünlikli geçirilen gepleşikler bolsa özara düşünişmegiň ýokary derejesiniň subutnamasy bolup durýar.

# ЗАМЕСТИТЕЛЬ МИНИСТРА ИНОСТРАННЫХ ДЕЛ ТУРКМЕНИСТАНА ПРИНЯЛ УЧАСТИЕ В 13-М ЗАСЕДАНИИ ДИАЛОГА ВЫСОКОГО УРОВНЯ «ЕС – ЦЕНТРАЛЬНАЯ АЗИЯ» ПО ВОПРОСАМ ПОЛИТИКИ И БЕЗОПАСНОСТИ

16 июля 2026 года в Брюсселе заместитель министра иностранных дел Туркменистана Ахмет Гурбанов принял участие в 13-м заседании Диалога высокого уровня «Европейский Союз – Центральная Азия» по вопросам политики и безопасности.

В ходе заседания участники обсудили актуальные вопросы региональной и международной безопасности, перспективы дальнейшего взаимодействия между странами Центральной Азии и Европейским Союзом, а также практическую реализацию совместных инициатив в области укрепления устойчивости, обеспечения безопасности, управления границами, противодействия современным вызовам и угрозам, развития взаимосвязанности и многостороннего сотрудничества.

Выступая на заседании, Ахмет Гурбанов подчеркнул, что для Туркменистана формат сотрудничества «Центральная Азия – Европейский Союз» представляет значительный интерес как эффективный механизм объединения потенциала государств региона и Европейского Союза в интересах устойчивого развития, расширения взаимосвязанности и укрепления региональной безопасности.

Было отмечено, что Туркменистан последовательно исходит из того, что обеспечение долгосрочной безопасности невозможно исключительно силовыми методами. Прочной основой устойчивого мира и безопасности должны оставаться политико-дипломатические механизмы, укрепление доверия между государствами, обеспечение устойчивого социально-экономического развития, неукоснительное соблюдение общепризнанных норм и принципов международного права, эффективная многосторонняя дипломатия, а также центральная координирующая роль Организации Объединённых Наций.



В данном контексте была подтверждена поддержка Туркменистаном дальнейшего совершенствования механизмов взаимодействия между Центральной Азией и Европейским Союзом, включая Диалог высокого уровня по вопросам политики и безопасности, встречи специальных представителей стран Центральной Азии и Европейского Союза, а также практические программы ЕС, направленные на укрепление потенциала государств региона в сфере безопасности.

В этот же день состоялась встреча заместителя министра иностранных дел Туркменистана со Специальным посланником Европейского союза по Афганистану и начальником отдела по Афганистану и Пакистану Европейской службы внешних действий Жилем Бертраном. Собеседники обсудили актуальные вопросы сотрудничества по афганскому направлению. Туркменская сторона подтвердила приверженность продолжению оказания гуманитарной помощи афганскому народу, реализации транспортно-энергетических проектов с участием Афганистана и расширению практического взаимодействия с Европейским союзом в рамках действующих механизмов, в том числе консультаций специальных представителей, а также региональных программ CADAP и BOMCA. Особое внимание было уделено координации международных усилий при центральной роли Организации Объединённых Наций, включая взаимодействие в рамках Дохинского процесса ООН, в целях содействия устойчивому социально-экономическому развитию Афганистана и укреплению региональной безопасности.

В рамках визита также состоялась встреча Ахмета Гурбанова с Заместителем Генерального секретаря по политическим вопросам Европейской службы внешних действий Олофом Скугом. В ходе беседы были рассмотрены перспективные направления туркмено-европейского сотрудничества, в том числе развитие транспортной взаимосвязанности, реализация потенциала Транскаспийского транспортного коридора и инициативы Европейского союза Global Gateway. Отмечена взаимная заинтересованность в расширении взаимодействия в энергетической сфере, включая повышение энергоэффективности, развитие возобновляемых источников энергии, внедрение современных технологий и сокращение выбросов метана. Кроме того, стороны рассмотрели вопросы сотрудничества в области образования, подготовки специалистов и развития академических обменов. Подчеркнуто значение сохранения регулярного политического диалога и выражена уверенность, что последовательное развитие партнерства будет способствовать реализации взаимовыгодных совместных проектов.

# НОВОСТИ МИРА И РЕГИОНА

### *Посол Туркменистана в КНР посетил Шанхайский художественный музей*

Чрезвычайный и Полномочный Посол Туркменистана в КНР Парахат Дурдыев посетил с официальным визитом Шанхайский художественный музей. В поездке главу дипмиссии сопровождал третий секретарь посольства Мерген Сахеров. Встреча была посвящена укреплению культурных связей и развитию совместных творческих проектов между Туркменистаном и Китаем.

В ходе визита руководство музея поблагодарило туркменское посольство за многолетнюю поддержку. Благодаря этому партнерству стороны регулярно проводят международные выставки, художественные экспозиции и форумы по защите нематериального культурного наследия. На встрече обсудили планы по расширению сотрудничества, включая проведение новых совместных выставок, взаимные визиты художников и развитие научных программ.

Посол Парахат Дурдыев высоко оценил вклад музея в развитие двусторонних отношений. Он отметил, что культурные и образовательные проекты помогают народам двух стран лучше понимать друг друга. Дипломат подчеркнул, что посольство продолжит активно поддерживать новые инициативы, чтобы познакомить китайскую публику с богатым искусством Туркменистана.

Особой частью визита стала теплая встреча посла с десятками туркменских студентов, которые сейчас обучаются в вузах Шанхая. Парахат Дурдыев пообщался с молодежью и призвал их быть активными послами дружбы, укрепляя культурный диалог между Туркменистаном и Китаем.

### *Французская бизнес-школа «ESSEC» заинтересована развивать сотрудничество с Туркменистаном*

16 июля посол Туркменистана во Французской Республике М. Чарыев провел встречу с Исполнительным вице-президентом и деканом по программам дополнительного образования и корпоративным связям бизнес-школы «ESSEC» Жюльеном Молореном. Встреча прошла в здании туркменской дипмиссии в Париже.

Как сообщает МИД Туркменистана, Жюльен Молорен представил информацию о деятельности бизнес-школы «ESSEC» и выразил заинтересованность в развитии сотрудничества с образовательными учреждениями Туркменистана в области высшего образования, науки и подготовки высококвалифицированных кадров.

Посол Туркменистана отметил, что международное партнерство в сфере образования является одним из приоритетных направлений государственной политики Туркменистана.

Стороны подтвердили взаимную заинтересованность в развитии долгосрочного партнерства и договорились продолжить контакты по проработке конкретных направлений взаимодействия.

ESSEC Business School, основанная в 1907 году, является одной из старейших и наиболее престижных высших школ Франции в области бизнеса, менеджмента и экономики. ESSEC располагает кампусами во Франции, Сингапуре и Марокко, сотрудничает с сотнями университетов и компаний по всему миру и реализует программы подготовки руководителей, корпоративного обучения, предпринимательства, цифровой трансформации и устойчивого развития.

***Материалы подготовлены на основе интернет-источников.***